# Dile gelen setirler…

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dile gelen setirler… GÜNDELİGİMDÄKİ ÝAZGYLARDAN




Özüme gelendirin öýdüpdim. Al kakmyş, henizem huşumda däl ekenim.
***

Men dogrymy aýtdym. Seniň maňa ynanmaýanlygyň, meniň ýalançydygymy aňladanok!

***

Her gül her bagda gögerýän däldir. Şonuň üçin öz bagyňyzda düýp tutaýjak güli saýlaweriň, hormatly bagbanlar!

***

Ynsan oglunyň iň ýakyn dostudyr–ýalňyzlyk! Ýalňyz wagtymyz hemişe ýanymyzdadyr!

***

Ölümden gorkma dostum, ol bu dünýädäki ýeketäk hakykat ahyry!

***

Iki sany ýakyn dostuň bir-birine diýýän sözi: «Men seni tanamok ekenim».

***

Ynsan ogly biz! Adamlaryň bir ýalňyşy üçin onuň ähli dogrularyny ýok edip bilýäris!

***

Biziň diýenimiz däl, durmuşyň diýeni bolar. Sebäbi ol bizden has egoist.

***

Seni bagtly edip bilmedik bolsa, başgasy bilenem bagtly bolup bilmez. Häsiýet üýtgeýän däldir, dostum!

***

Ol hiç kitap okamady, ýöne nämüçindir ýazyjylary tankyt edýär.

***

Ol öldi, ýöne hiç kim gelmedi. Molla geňirgenip:
–Näme üçin hiç kim ýok? Nähili adamdy?
Aýaly seslendi:
–Süýthordy.
Jynaza okaljak ýerde obanyň ykmanda itleri süňk gemirip ýatyrdy.

***

Agyr ýatan hassanyň ýanynda iki nätanyş küşt oýnap otyr. Özara gürrüňem oýun bilen bile gyzgalaňly dowam edip dur.
–Aýtsana gardaş, näme üçin adamlar meni ýigrenip, seni gowy görýärler?
–Ýönekeý, men süýji sözli ýalan, sen bolsa olara hakykaty görkezýärsiň. Dostuň ýoklugyndan biliber-dä.
–Hm-m-m, goý onda bu gezegem hakykat ýeňsin, küşt!
Agyr hassa öldi. Ölüm ýene bir gezek özüniň hakykatdygyny subut etdi. Durmuş bolsa: «Men näçe ýalanam bolsam adamlar meni söýmegini dowam eder» diýdi-de öz ýanyndan begenip, başga bir süýthoryň gözlegine çykdy. Sözler